Geçen şanly ýylda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň gojaman Köpetdagyň eteginde Magtymguly Pyragynyň heýkeliniň öňünde okan «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly goşgusy akyldar şahyrymyza goýulýan belent sarpany dabaralandyrdy. Hut şu nukdaýnazardan, 2024-nji ýyl «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip atlandyryldy.

Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň bellenilýän şanly ýylymyz — «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly bu gün ajaýyp wakalara beslenýär. Şanly ýylymyzda Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyna bagyşlanyp geçirilýän çäreler her birimize şatlyk we begenç duýgularyny paýlaýar.

Beýik söz ussady Magtymguly Pyragy her bir türkmeniň kalbynda, aňynda mydamalyk orun aldy. Akyldar şahyrymyzyň halkyň söýgüsine mynasyp bolan ajaýyp eserleri ýaş nesilleri terbiýelemekde uly ähmiýet bolup durýar. Şahyryň ebedi mirasy, akyl-paýhasa ýugrulan ajaýyp eserleri, adamkärçiligi ahlagyň, mertligiň, salyhatlylygyň, watançylygyň, ynsabyň ölçegi bolup türkmen halkynyň arasynda ençeme asyr ýaşap gelýär.

Şol döwrüň türkmen halkynyň agyr günlerine şaýat bolan Magtymguly Pyragy, adamyň fiziologiki we ruhy gurluşyna ünsi çekýär. Şahyryň eserleri kalbyň seslenmesi bolansoň, onuň filosofiýa nukdaýnazaryndan iň köp üns berýän soragy – adamyň ruhy we ony dargadýan zat.
Magtymguly Pyragynyň filosofiki antropologiýasynyň merkezinde dört sany düşünje bar: egoistlik, ulumsylyk, ikiýüzlilik we göriplik. Şahyryň goşgularynda duşýan we tankytlanylýan bu dört düşünje ruhy durmuşa çykmaga päsgelçilik bolup durýar we şonuň üçin şahyryň eserlerinde şahsyýetiň kemçilikleriniň we şahsy üýtgemeleriniň netijesi hasaplanylýar. Şahyr öz tekepbirligini we ulumsylygyny birinji orunda goýmagy nädogry hasaplaýar.

Magtymguly Pyragynyň filosofiki antropologiýasynda adamyň içki we daşky bitewiliginiň zerurlygy möhümdir. Türkmen edebiýatynyň gymmaty Magtymguly Pyragy öz eserlerinde adam ruhunyň ewolýusiýasyny, ýagny ruh bilen bedeniň täsirini öz içine alýar. Şahyryň goşgularynda negatiw tarap – aýratyn ýagdaý. Egoistlik we ulumsylyk, beýleki adamlardan ýokary bolmasaňyz hem, artykmaçlyk duýgusy bilen baglanyşykly keseldir. Adam üçin düşünjeler: egoistlik, ulumsylyk, ikiýüzlülik we göriplik ýaramaz häsiýetlerdir. Galyberse-de, bularyň hemmesi sagdyn gatnaşyk gurmaga päsgelçilik döreder.

**Täçnazar AMANNAZAROW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены